# Gör neneñsi hekaýat

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Gör neneñsi hekaýat Gör neneñsi hekaýat

Adamlaň içinden gyl dek sogrulyp,
Bir gün soňky ýola ugraaryn menem.
Geçip giden ýyllar yza öwrülip.
Hiç haçan, hiç haçan dolanmaz ýenem.

Dolanmaz yzyna ýigrim bäş ýaşym,
Dolanmaz yzyna gojalygym-da.
Güneş bilen şemal bilen hoşlaşyp,
Ýiterin ýoklugyň gijeliginde.

Ot gögerip mazarymyň üstünde
Gezegine bezär ony pasyllar.
Ýyllar gider,
Ýiter gider mazar-da,
Bu topragy bezäp ýaşar nesiller.

Gör neneň hekaýat:
Bolmasamam men,
Adamlar ýaşajak, baky öljek däl.
A men bolsa adamlardan aýrylyp,
Bir minut hem ömür sürüp biljek däl.

(1963)

Halyl KULYÝEW Goşgular